# Erdoganyñ gardaşyna agdarlyşyk

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Erdoganyñ gardaşyna agdarlyşyk ERDOGANYÑ GARDAŞYNA AGDARLYŞYK

Entek bir aýam geçenok: 14-nji awgust günüdi…
Erdogan bilen «Vahdettin» köşgünde duşuşypdy. Duşuşykdan soñ hiç hili resmi beýannama berilmedi.
Yzyndan… «Yeni Şafak» gazetiniñ redaksiýasyna gitdi. «Albayrak grubu» toparynyñ başlygy Ahmet Albaýrak, başlygyñ wekili Nuri Albaýrak, gazetiñ baş redaktory Hüseýin Likogly bilen duşuşdy. Çünki «Albayrak» toparynyñ bu ýurda goýan 200 million dollarlyk maýa goýumy bardy.
Gwineýanyñ Prezidenti Alfa Konde barada aýdýaryn. Ol «Albayrak» toparynyñ «TV Net» teleýýaýlymyna interwýu berdi:
» – Türkiýe bilen eýýäm birnäçe ýyl bäri gatnaşyklarymyz ösýär we munuñ saýasynda türk işewürleri Gwineýa gelýär. Türk işewürleriñ Gwineýa gelmegi aýratyn bellärlikli ýagdaý.»
Gwineýanyñ galkynyşyna Erdoganyñ çäksiz goşandynyñ bolandygyny aýdan Konde «Gwineýany ösdürip, Afrikada Nigeriýadan soñ iñ uly ikinji ykdysady merkeze öwürmek isleýärin. Ilkinji nobatda Erdoganyñ meñ gardaşymdygyny buýsanç bilen aýdasym gelýär. Men ony gardaşym hasaplaýan. Gwineýada etmeli uly işler bar. Erdogan Albaýragyñ Gwineýa gelmegine sebäp boldy. Albaýrak Gwineýada görlüp-eşdilmedik uly işleri etdi. Mundan soñam ýene Erdoganyñ ýardam etmegini towakga edýäris.»
Gwineýa şu gün nirden ýadyña düşdi diýmäñ, aşakda düşündirjek:

- **ÝYGJAM SAPAR**

Hakykatdan-da, Erdogan bilen Konde gardaş kibi.
Konde 2010-njy ýylda häkimiýete geldi. Erdogan bilen Konde 2013-nji ýylda ikitaraplaýyn ilçihanalary açdy.
Erdoganyñ 2016-njy ýylyñ 3-nji martynda bu ýurda resmi sapary

birinji duşuşyk boldy.
Konde 2016-njy ýylyň 14-15-nji aprelinde Stambulda boldy, Yslam konferensiýasyna gatnaşdy. Erdogan bilen duşuşdy.
Konde 2016-njy ýylyň 26-30-njy dekabrynda Türkiýä geldi, Erdogan bilen duşuşdy.
Konde 2017-nji ýylyn 27-28-nji aprelinde geçirilen Türkiýe-Afrika ekerançylyk ministrleriniň konferensiýasyna Afrika bileleşiginiň döwürleýin başlygy hökmünde gatnaşdy. Konferensiýada Erdogan bilen ikitaraplaýyn duşuşyk geçirdi.
Konde 2017-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Stambulda geçirilen D-8 ýygnanşygyna, 2017-nji ýylyň 13-nji dekabrynda geçirilen Yslam ýurtlarynyň hyzmatdaşlygy guramasynyň nobatdan daşary ýygnanşygyna gatnaşmak üçin ýurdumyza geldi we Erdogan bilen duşuşdy. Özem:
Konde ýylda azyndan iki gezek Türkiýä geldi. «Çamlyja» metjidiniň dabaraly açylyşyna-da geldi.
Diňe söwda ugrundan däl, Türkiýe TİKA-dyr Magaryf fondyna çenli birnäçe edaralar, guramalar Gwineýada iş alyp barýar. Türk Howa Ýollarynyň bu ýurda gatnawy bar…
Meni gyzyklandyran zat şu:
Konde öňňin, 2021-nji ýylyň 5-nji sentýabrynda harby döwlet agdarlyşygy bilen häkimiýetden çetleşdirildi.
Erdogandan edil Murside bolşy ýaly, «gardaşym Konde» çykyşyna garaşsa bolarmy? Heniz-ä diýmedi. Eýsem nämüçin diýenokka? Mursä bolan çakdanaşa tarapgöýçülikli çemeleşmesiniň döreden diplomatik krizisinden sapak alan bolmagy mümkinmi? Ýa-da başga sebäpler barmyka?

- **ABŞ-FRANSIÝA-YSRAÝYL**

Ýurduň günbataryndaky Boke şäherinde 1938-nji ýylyň 4-nji martynda dünýä inen Konde bilimini Parižiň Sorbonne uniwersitetinde aldy. 1963-nji ýylda kolonial Afrika ýurtlarynyň garaşsyzlygynyň tarapyny tutýan Fransiýadaky Afrikaly Talyplar federasiýasynyň (FEANF) başlyklygyna saýlandy.
Biraz wagt fransuz şeker şereketinde işlän Konde 1985-nji

ýylda “Africonsult” atly konsultatiw şereketini gurdy we ony 2001-nji ýyla çenli dolandyrdy. 1993-nji, 1998-nji ýyllarda prezidentlige dalaşgärligini goýdy. Tussaglar, türmeler bilen geçen syýasy göreşiň ahyrynda 2010-njy ýylda Prezidentlige saýlandy.
Kondeniň üçünji möhlete saýlanmak üçin Konstitusiýa girizen üýtgeşmeleri uly çekişmeleriň döremegine getirdi. Sözümi uzatmaýyn:
– «Gwineýanyň Mandelasy» bolmagy wada beren…
– «Fransiýa bilen kolonial gatnaşyklary gözden geçirmeli» diýen…
– «Garaşsyz Afrika» ideýasyny öňe süren…
«Professor» ýa-da ýerli fulani dilinde «aga» manysyny berýän «Koro Alfa» kim tarapyndan agdaryldy?
Agdarlyşygy gurnan polkownik Mamadi Dumbuýa kim?
Dumbuýa 1980-nji ýylda doglan Fransiýanyň daşary ýurtlylar legionynda gulluk etdi.
Fransiýanyň Harby mekdebinde we Ysraýylyň Halkara Howpsuzlyk akademiýasynda bilim aldy.
Owganystan, Kot’d-Iwuar, Merkezi Afrika Respublikasy ýaly birnäçe ýurtda geçirilen operasiýalara gatnaşdy.
Ol Konde tarapyndan 2018-nji ýylda Gwineýa çagyrylyp, Ýörite güýçler birlikleriniň (GFS – спецназ) başlygy wezipesine bellendi.
Ah, bu tötänlikleri diýsene?!. Dumbuýa geçen ýyl Malide döwlet agdarlyşygyny gurnan Assimi Goita (ABŞ-da, Fransiýada, Germaniýada okan we ABŞ-nyň Ýörite güýçler – Ýaşyl beretkalylar birliginde gulluk eden) bilen ýakyn dostdy! Goita-da saýlawlar esasynda 2013-nji ýyl häkimiýete gelen Ibragim Bubakar Keýtanyň garşysyna harby döwlet agdarlyşygyny gurnapdy.
Afrikada tutda-bas bolup häkimiýet paýlanşygynyň üstünde söweş gidýär. Biz bolsa Somalä edilen 30 million dollarlyk kömegiň üstünde dawalaşýarys!

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 07.09.2021 ý. Publisistika